***Arkadag şäheri —  türkmen topragynda durmuşyň haýran galdyryjy derejede öňe gidýändiginiň, guwandyryjy ösüşlerimiziň aýdyň güwäsi. Sebitde deňi-taýy bolmadyk bu şäher türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň binagärlik paýhasyndan kemal tapdy. Köpetdagyň eteginde seleňläp oturan täze şäheriň birinji tapgyrynyň dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berlenine 2 ýyl doldy.***

Mälim bolşy ýaly, guryan, döredýän döwlet kuwwatlydyr. Bu düşünje täze döwrüň gurmak ýolunyň, häzirki zamanyň öňdebaryjy gazananlaryny özünde jemleýän binagärlik sungatynyň aýdyň beýanydyr. Ol ruhy-medeni gymmatlyklarymyz ýaly, beýik döwrüň aýdyň keşbini özünde şöhlelendirýär. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan, hormatly Prezidentimiz tarapyndan üstünlikli amala aşyrylýan şähergurluşyk maksatnamasy döwrüň ruhuna kybap derejede durmuşa geçirilýär. Döwrümiziň buýsanjyna öwrülen Arkadag şäheri hem täze keşbi, gözel görki bilen nur saçýar.

Arkadag şäheri — aklyk şäheri. Ol ýurdumyzda, hatda tutuş sebitde amala aşyrylýan iň iri innowasion şähergurluşyk taslamasydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň keşbini özünde jemleýän, ösüşlerimiziň altyn şuglasyny alamatlandyrýan bu şäher halkymyzyň dil senasy, köňül kelamydyr.

**Gandym WELLEKOW,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Halaç etrap Geňeşiniň**
**guramaçylyk bölüminiň işgärleriň işi boýunça hünärmeni.**

Все права защищены

save pdf date >>> 24.01.2026